# Unutmañ, Salman Rüşdä hüjüm edenler musulmanlary-da gurban etdi

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 25 января, 2025
Unutmañ, Salman Rüşdä hüjüm edenler musulmanlary-da gurban etdi UNUTMAÑ, SALMAN RÜŞDÄ HÜJÜM EDENLER MUSULMANLARY-DA GURBAN ETDI




*Britaniýaly musulmanlaryñ 63%-i yslam ekstremizmi howpy babatda endişeli.*
Ser Salman Rüşdä edilen berbat hüjüm britaniýaly musulmanlaryñam jemgyýetçilige açyk ugrunda söz azatlygyny çäklendirmek isleýän ekstremistleriñ şantažlaryna uçrandygyny wagtynda ýatladýar.
Käbir musulmanlar tarapyndan kitabynda dine dil uzatmakda aýyplanýan Rüşdiniñ pyçaklanmagy urup-ýençmelere gol ýapýan

yslam ekstremizmi howpuny täzeden orta atdy. Bular ýaly fundamentalistler günbatarly liberal-demokratik azatlyklara berilen goldaw sebäpli «yslama çapraz» hasap edilen hamana «ýoldan çykan» musulmanlary we mürtet saýylan öňki musulmanlary aktiw ýagdaýda nyşanasyna aldy.

Hüjümi amala aşyran Hadi Matar asly liwanly we ABŞ-nyň Kaliforniýa ştatynda doglan 24 ýaşly ýaş ýigit. Onuň sosial mediýadaky hasaplary fundamental dinçilige meýillidigini we Eýranyň «Rewolýusion gwardiýaçylar» goşunyny goldaýandygyny görkezýär.

Hüjümiň ähtimal ideologik tutaryklaryna üns çekilen ýagdaýynda yslamofobiýa bilen aýyplanmakdan gorkup, Rüşdini pyçaklamak meselesine bulaşmagy isläp biljek hoşniýetli öňdebaryjy liberallar bar.

Emma bular ýaly syýasy gönümellik ýurdumyzy düýbünde «yslamofobiýa» diýlip düşündirilen syýasy yslamçylar bilen belli bir derejede ýaranlyga ýakynlaşdyrdy (Ýakyn wagtda geçirilen bir barlagyň netijesi her dört sany britaniýaly musulmandan üçüsiniň musulman bolup ýaşamak üçin Britaniýanyň iň gowy ýerdigine ynanýandygyny ýüze çykardy).

Hasam möhüm barlaga gatnaşan britaniýaly musulmanlaryň 63%-niň yslamy ekstremizm howpundan endişelenýändigini aýtmak ýerlikli bolar, esasy ilatyň görkezijisi 67%-den gaty bir daşda däl.

Ýalňyşlyk britaniýaly musulmanlara bir sesli, monolit (bir bitewi) blok hökmünde garalmagyna sebäp bolýar.

Ekstremizme garşy göreş boýunça hünärmen Wasik Wasik ýaly ser Salman Rüşdä duýgudaşlyk bildiren britaniýaly musulmanlar beýleki musulmanlar tarapyndan «mynapyk» («ýasama musulman») we «gujak iti» diýen ýaly bahalary aldy.

Yslamçylyga garşy çykýan britaniýaly musulmanlar tradision ierarhik gurluşlara nägilelik bildirmek üçin azatlyklarymyza we medeni hak-hukuklarymyza bil baglaýarlar, Salman Rüşdiniň kitaplaryny gadagan etmäge çagyryşlar bilen bir hatarda senzuranyň gerimiň giňemegi olary güýçden gaçyrar. Aşa senzuraçy çäreleri kabul etmek diňe söz azatlygymyzy paltalap, berk çäklendirmeleri goldaýanlaryň güýjüni artdyrjakdyr.

Britan musulmanlary üçin partiýalar arasyndaky parlamentara

toparyñ musulmanlara gönükdirilen hakyky gyýa garaýyşlary dini doktrinalara ýönelen örän makul tankytlar bilen wagtal-wagtal bir hasaplanýan yslamofobiýa kesgitlemesine men şu sebäpden garşy çykdym. Zenan nesil öndürijilik synalarynyñ şikeslenmegine garşy çykyp, aýal-gyzlaryñ hak-hukuklary ugrunda göreş alyp barýan öñdebaryjy şahslardan Nimco Ali bu kesgitlemäniñ musulmanlaryñ sekulýar we feminist aýal-gyzlary dini ýazgylaryñ erkek gegemon düşündirişlerini sorag astyna alýan aýal-gyzlaryñ raýat azatlyklaryny we hak-hukuklaryny goldamaga synanyşandyklary üçin yslamofobik tagmalamalara garşy goragsyz goýjakdygyny öñe sürdi.
Britaniýaly musulmanlara gönüden-göni täsirini ýetirýän musulman duşmançylygyna ýugrulan ýigrenjiñ we gyýa garaýyşlaryñ üstünde durulmagy hökmanydyr. Muña musulmanlara ýigrenç besleýän ýigrenç we ýanama hereketleri bilen bir hatarda radikal sagçylygyñ Birleşen Korollykda iñ çalt ösýän terror howpudygy göz öñüne tutulanda çynlakaý çemeleşmeli mesele. Birleşen Korollyk işçi bazaryndaky we hususy ýaşaýyş jaýlaryny kireýne berýän sektordaky musulman duşmançylygyny edýän gyýa garaýyşlaryñ hötdesinden gelmek üçin has köp çäreleri durmuşa geçirmeli bolar.
Emma Salman Rüşdiniñ garşysyna amala aşyrylan ganly akt dini we syýasy eldegrilmesizlikleriñ liberal demokratiýanyñ esasy dinamikalaryndan öñde durmagyny isleýänlere boýun egmeli däldigini bize ýatladýar.
Britaniýa dine dil ýetirmek hakdaky kanunlardan bireýýäm arany açdy we bu şeýleligine-de galmalydyr, olary gaýtadan dikeltmek isleýän toparlara garşy berk göreşmelidiris. Britaniýaly musulman jemgyýetleriniñ arasyndaky kadalary we amallary tankyt eden dindeşlerini saýrylaşdyryp dymdyrmak üçin söz azatlygyny çäklendirmek isleýänlere garşy köpçülikleýin ýagdaýda seresaply bolmalydyrys.

Rakib EHSAN,
Britaniýaly etniki we dini diasporalaryñ jemgyýetçilik integrasiýalary boýunça hünärmen.

03.09.2022 ý. Publisistika